# Biz bagtly bolarys

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Biz bagtly bolarys BIZ BAGTLY BOLARYS



Bolýa-da, kimlere ýoksa ýokmasa,
Olara goşulyp aglaşarmydyk.
Biz bagtly bolarys Hudaý halasa
Hudaý halamasa duşuşarmydyk?!
Reýhan yslaryňy ýollaryma sep,
Garaş sen her agşam, gökde Aý dogan.
Ýöne aglama sen günäm ne diýip,
Aýbyň ejeň seni owadan dogran.

Maňa bir ýylgyryş sowgat et, eý, ýar,
Nur damsyn lebleriň kenarlaryndan.
Özüň aýt, sen deý gyz ýene nirde bar,

Kirpikleri has uzyn zülplerinden.

Eýmenip ýaşama hyýal golunda,
Ýaýyl, ýaýra janym, örtenme gamda!
Gybatlara çyda, töhmete çyda,
Sebäp sen ýeketäk dünýäň ýüzünde.

Men bolsa garyp aşygyň seniň,
Şamdan söz karz alyp daňa berýärin.
Seniň ýanyňda hem saňa garaşyp,
Hatda baryňda hem yzlap gezýärin.

Isle dyz çökerin häzir alnyňda,
Söýdüm, söýgümden utanaýyn nüçün?
Hemme perişdeler seniň kalbynda,
Kireýne ýaşaýan gyzlar meň üçin!..

…Biz bagtly bolarys Hudaý halasa,
Hudaý halamasa duşuşarmydyk?!

Muhammad Yusuf

Terjime: Ahmet Arazow Goşgular